# O dünýä sögünç gidenokmy?

Category: Degişmeler,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
O dünýä sögünç gidenokmy? O DÜNÝÄ SÖGÜNÇ GIDENOKMY?

Iki adam urşupdyr. Olar gyzyl ýumruk bolup durkalar, biri-birine agzyndan gelen hapa-paýyş sözleri aýdypdyr.
Olaryñ biri birdenkä säginip, şeýle diýipdir:
– Eý gurrumsak – diýipdir. – Meniñ ejemiñ ölenine on ýyl geçdi. Näçe sögseñem oña gitmeýär.
– Onda señ kakañ…
– Ha-ha-ha. Kakamam sekiz ýyl öñ öldi. Seniñ sögünçleriñ oña gidenok!
Sögünip duranyñ muña belli-beter gahary gelipdir:
– O nä pohuñy iýýäñ! Ruhlaryna Elham okañda gidýär-de, sögeñde gidenokmyşmy?!




Degişmeler